# INNOWASIÝA YKDYSADYÝETI WE DURNUKLY ÖSÜŞ

2/2026

## INNOVATION ECONOMY AND SUSTAINABLE DEVELOPMENT

## ИННОВАЦИОННАЯ ЭКОНОМИКА И УСТОЙЧИВОЕ РАЗВИТИЕ







# INNOWASIÝA YKDYSADYÝETI WE DURNUKLY ÖSÜŞ

## INNOVATION ECONOMY AND SUSTAINABLE DEVELOPMENT

## ИННОВАЦИОННАЯ ЭКОНОМИКА И УСТОЙЧИВОЕ РАЗВИТИЕ

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň ylmy-amaly elektron žurnaly

Scientific and Practical Electronic Journal of the
Turkmen State Institute of Economics and Management

Научно-практический электронный журнал
Туркменского государственного института экономики и управления

2/2026

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2026

# SANLY YKDYSADYÝETIŇ DURNUKLY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEGIŇ GURALY HÖKMÜNDÄKI ORNY

***Begmyrat ATAÝEW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

**Gysgaça beýan**

Häzirki zaman dünýäsinde sanly transformasiýa diňe bir tehnologik täzelik bolman, eýsem ol durnukly ykdysady we durmuş taýdan ösüşiň esasy hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Bu makalada sanly ykdysadyýetiň Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) ýetmekdäki strategik ähmiýeti seljerilýär. Şeýle hem sanly tehnologiýalaryň resurslary tygşytly ulanmakdaky, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakdaky we ekologik durnuklylygy üpjün etmekdäki ähmiýeti ylmy esasda beýan edilýär, milli we halkara derejesinde sanly ykdysadyýetiň durnukly ösüşiň täze nusgasyny kemala getirmekdäki amaly mümkinçilikleri öwrenilýär.

Sanly transformasiýa ykdysady ulgamyň durnuklylygyny üpjün edýän täze gurşawy kemala getirýär. Bu bolsa sanly ykdysadyýetiň täze mümkinçiliklerini öwrenmekligiň häzirki zaman ykdysady ylmy üçin örän wajypdygyny delillendirýär. Makalada ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagynyň durnukly ösüşiň ykdysady, durmuş we ekologiýa sütünlerine ýetirýän täsirini ylmy taýdan seljermek hem-de sanly tehnologiýalaryň durnukly ösüşiň guraly hökmündäki mümkinçiliklerini esaslandyrmak maksat edinilýär. Şol maksat bilen bu işde deňeşdirme-seljeriş we statistik çemeleşmeler ýaly ylmy-barlag usullary ulanyldy.

**Esasy sözler:** sanly ykdysadyýet, durnukly ösüş, sanly transformasiýa, tehnologiýa.

Häzirki döwürde sanly ykdysadyýet jemgyýetçilik we ykdysady gurluşyň esasyny emele getirýär. Ýurduň ykdysady ösüşi, ykdysady kuwwaty we durnukly ösüşi jemgyýetiň ösüş derejesini we adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Biziň maksatlarymyz ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy hem-de durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmekden ybaratdyr» diýip belleýär [1].

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň ösüş akymy dördünji senagat öwrülişiginiň täsiri astynda düýpli özgerişlere sezewar bolýar. Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň çalt depginler bilen durmuşymyza ornaşmagy netijesinde kemala gelen «sanly ykdysadyýet» düşünjesi diňe bir täze işewürlik nusgalaryny döretmek bilen çäklenmän, eýsem durnukly ösüşiň strategik binýadyna öwrüldi. Şu nukdaýnazardan, sanly ykdysadyýeti durnukly ösüşiň guraly hökmünde seljermek, onuň mümkinçiliklerini, netijelerini seljermek ylmy we amaly taýdan uly ähmiýete eýedir.

Durnukly ösüş – bu häzirki nesliň isleglerini kanagatlandyrmak bilen bir hatarda, geljekki nesilleriň öz isleglerini kanagatlandyrmak mümkinçiliklerini hem gorap saklamagy göz öňünde tutýan toplumlaýyn çemeleşmedir. 2015-nji ýylda kabul edilen BMG-niň «Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi» 17 sany esasy maksady öz içine alýar. Bu maksatlara ýetmekde sanly ykdysadyýet aşakdaky üç ugur boýunça «strategik gural» hökmünde çykyş edýär:

1. Ykdysady netijelilik – sanlylaşdyrmak önümçilik we hyzmatlar ulgamynda çykdajylary azaldyp, bäsdeşlige ukyplylygy we jemi içerki önümiň ösüşini üpjün edýär.

2. Sosial elýeterlilik – sanly bilim, onlaýn lukmançylyk we döwlet hyzmatlarynyň sanlylaşdyrylmagy durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

3. Ekologik durnuklylyk – «akylly» tehnologiýalar energiýa sarp edilişini optimal derejä ýakynlaşdyrýar, galyndylary azaldýar we «ýaşyl» ykdysadyýete geçişi çaltlandyrýar.

Sanly ykdysadyýet diňe bir maglumatlaryň sanly görnüşe geçirilmegi däl-de, eýsem täze gymmatlyklary döretmegiň we jemgyýetiň maddy däl baýlyklaryny

dolandyrmagyň täze usulydyr. Onuň Durnukly ösüş maksatlaryna (DÖM) täsiri aşakdaky esasy ugurlarda ýüze çykýar:

– birinjiden, ykdysady netijelilik we innowasion ösüş – sanly ykdysadyýet durnukly ykdysady ösüşi we innowasiýalary höweslendiriji esasy güýçdür;

– ikinjiden, zähmet öndürijiligi – emeli aň, uly göwrümli maglumatlar we awtomatlaşdyryş önümçilik döwrüni gysgaltmaga we ýalňyşlyklary azaltmaga mümkinçilik berýär;

– üçünjiden, täze bazarlar – sanly platformalar kiçi we orta telekeçiligiň dünýä bazaryna çykmagyna şert döredýär, bu bolsa ykdysady durnuklylygy artdyrýar;

– dördünjiden, maliýe elýeterliligi – sanly bank hyzmatlary we elektron töleg ulgamlary maliýe amallarynyň tizligini we aýdyňlygyny üpjün edýär.

Durnukly ösüşiň esasy maksatlarynyň biri – «hiç kimi yzda galdyrmazlyk». Sanlylaşdyrmak bu ugurda durmuş taýdan deňsizligi azaltmaga (DÖM 10) kömek edýär. Şunda onlaýn bilim platformalary we elektron kitaphanalar dünýäniň islendik nokadyndan ýokary hilli bilim almaga mümkinçilik berýär (DÖM 4).

Sanly saglygy goraýyş (telelukmançylyk) ulgamy uzak aralykdan maslahatlar we sanly diagnoz goýuş ulgamlary lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrýar (DÖM 3). Sanly ykdysadyýetiň daşky gurşawa täsiri durnukly sarp ediş we önümçilik (DÖM 12) nukdaýnazaryndan örän möhümdir:

– resurs tygşytlylygy – «akylly» şäher we «akylly» öý ulgamlary energiýa we suw sarp edilişini optimal derejä ýakynlaşdyrýar;

– kagyzsyz tehnologiýalar – elektron resminama dolanyşygy tokaý serişdeleriniň goralmagyna we galyndylaryň azalmagyna ýardam edýär;

– logistikany optimallaşdyrmak – sanly platformalar arkaly ýükleri daşama ugurlarynyň dogry meýilleşdirilmegi atmosferany hapalaýan gazlaryň azalmagyna sebäp bolýar.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti mundan beýläk hem ösdürmek we ony durnukly ösüşiň esasy guralyna öwürýän strategiýa döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeler sanly tehnologiýalaryň milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna işjeň ornaşdyrylmagyna gönükdirilendir.

Türkmenistan üçin sanly tehnologiýalara daýanýan ykdysadyýeti ösdürmegiň strategik ähmiýeti ykdysady ösüşiň täze hilini gazanmakdan we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Milli ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy we onuň ösüş kuwwaty diňe içerki mümkinçilikleri däl, eýsem halkara ykdysady gatnaşyklaryny hem öz içine alýar. Şeýlelikde, nusgawy kesgitlemä görä, milli ykdysadyýet – bu haýsy hem bolsa bir döwletiň çäginde amala aşyrylýan ykdysadyýetdir [2].

Döwletimizde durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşiň hem-de dünýä ykdysadyýetine has-da netijeli ýagdaýda goşulyşmagyň möhüm şerti hökmünde maglumat we aragatnaşyk ulgamlarynyň, kompýuter tehnologiýalarynyň mümkinçiliklerini işjeň ulanmaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň sanly transformasiýa ýoly anyk maksatnamalaýyn esaslara daýanýar. Şunda «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» esasynda milli ykdysadyýeti hem-de onuň ähli pudaklaryny sanly ulgama geçirmek, sanly ulgamyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär [3]. Bu konsepsiýa sanly hyzmatlaryň gerimini giňeltmäge we döwlet dolandyryşyny kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Durnukly ösüşiň amaly nusgasy hökmünde Arkadag şäheriniň gurluşygy aýratyn bellenilmelidir. Arkadag şäheri «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlup, ol sanly ykdysadyýet bilen durnukly ösüşiň utgaşmasynyň iň ýokary görkezijisidir. Käbir mysallara ýüzlensek, Arkadag şäherindäki elektrobuslaryň we elektromobilleriň ulanylmagy daşky gurşawy goramaga ýardam edýär. Şeýle hem şäherdäki «akylly» öý ulgamlary we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar resurslaryň netijeli ulanylmagyny üpjün edýär.

Tehnologik ösüş we innowasiýa häzirki zaman ykdysadyýetiniň öňe gitmegine sebäp bolýan iň möhüm faktorlar bolup durýarlar. Ykdysadyýetiň kuwwaty diňe önümçilikde däl, eýsem täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynda hem bahalandyrylýar. Ýokary tehnologiýaly taslamalar dünýäde milli ykdysadyýetiň ýokary derejä çykmagyna şert döredýär. Bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak bilen bagly ugurda üstünlik gazanan ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşiniň nusgalary seljerilende, onuň ykdysadyýeti innowasion tehnologiýalary döretmäge, täze önümleri

çalt we netijeli özleşdirmäge, şeýle-de täze önümleridir hyzmatlary barha artýan isleglere uýgunlaşdyrmaga ukyply döwletlere başardýandygy äşgär bolýar. Şunuň bilen baglylykda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bilimlere, innowasiýalara we ösen jemgyýete daýanýan, ykdysady, durmuş, ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşini dowam etdirmegiň esasy maksatlaryň hatarynda kesgitlenmegi ýurdumyzyň şu günki hem geljekki ösüşleriniň geriminiň giňliginden habar berýär [4].

Ýurdumyzda maliýe we bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy hem esasy ugurlaryň biri hökmünde kesgitlenendir. Türkmenistanyň bank ulgamynda sanly tehnologiýalaryň orny barha artýar. «Sanly bank» hyzmatlary, ykjam goşundylar arkaly tölegleriň amala aşyrylmagy nagt däl hasaplaşyklaryň paýynyň artmagyna getirdi. Bu bolsa ykdysady aýdyňlygy üpjün edýär we maliýe serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrýar.

Mundan başga-da, bilim we saglygy goraýyş ulgamlarynda hem sanly innowasiýalara aýratyn orun degişlidir. Şunda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde sanly bilim ulgamy doly ornaşdyrylyp, optiki aragatnaşyk ulgamlary arkaly bitewi tor döredildi. Bu bolsa ýaş nesliň häzirki zaman tehnologiýalaryna erk etmegine şert döredýär. Sanly lukmançylykda bolsa telelukmançylyk we elektron saglyk kartlarynyň ornaşdyrylmagy, ilata berilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini we elýeterliligini täze derejä çykardy.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, şol sanda bu ulgamy kadalaşdyryş-hukuk ýagdaýy bilen üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Bu ugurda «Aragatnaşyk hakynda», «Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda», «Kiberhowpsuzlyk hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Şeýlelik bilen, ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy diňe bir döwlet tarapyndan däl, eýsem , global ykdysady ösüş meýillerini we täze tehnologiýalaryň gazananlaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Çünki durnukly we netijeli ykdysady ösüş ýurduň ykdysady kuwwatyny, şol sanda halkyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrar. Eýsem-de bu strategiýalaryň amala aşyrylmagy sanly ykdysadyýetiň ýokary ösüşine we geljekde has durnukly, bäsdeşlige ukyply ykdysady ulgamlaryň döredilmegine sebäp bolar. Türkmenistanyň tejribesi bolsa, sanly ykdysadyýetiň diňe bir tehnologik ösüş däl-de, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga we daşky gurşawy goramaga gönükdirilen toplumlaýyn strategik guraldygyny subut edýär.

Netijede, geçirilen ylmy seljermeler we öwrenilen halkara hem-de milli tejribeler, sanly ykdysadyýetiň durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde diňe bir tehnologik gural däl-de, eýsem düýpli strategik binýatdygyny görkezýär. Sanlylaşdyrmak ykdysady ösüşiň depginini çaltlandyrmak, durmuş hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek we daşky gurşawa ýetirilýän täsiri azaltmak arkaly «üçtaraplaýyn durnuklylygy» (ykdysady, durmuş, ekologik) kemala getirýär.

Türkmenistanyň mysalynda sanly transformasiýanyň milli maksatnamalaýyn esasda amala aşyrylmagy, ýurdumyzyň dünýäniň ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmagyna we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik berýär. Arkadag şäheri ýaly «akylly» taslamalar bolsa, durnukly ösüşiň täze, innowasion nusgasynyň amaly beýanydyr.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

2. B.G. Pürliýew, E.G. Rahmanowa. Ykdysadyýetiň esaslary. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

3. Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – Aşgabat, 2025.

4. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.